Turkmence - Soul Scriptures

Mattanyň Hoş Habary 11:28-30 Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin. 29 Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň, çünki Men mylaýym hem pes göwünlidirin, janlaryňyz dynçlyk tapar. 30 Çünki Meniň boýuntyrygym ýumşakdyr, ýüküm ýeňildir».

Gelip Çykyş 2:7 Reb Hudaý ýeriň topragyndan adam ýaradyp, onuň burnuna dirilik nepesini üfledi. Şeýdip, adam janly barlyk boldy.

Gelip Çykyş 34:2,3,8 Bu ýurduň begi, hiwilerden bolan Hamoryň ogly Şekem Dinany görüp, ony tutdy, zorlap, namysyna degdi. 3 Şekem gyza ýürekden aşyk boldy. Ol gyzy söýdi we onuň göwnüni tapjak bolýardy. 8 Hamor Ýakuba şeýle diýdi: «Meniň oglum Şekem siziň gyzyňyza ölemen aşyk. Gyzyňyzy meniň ogluma aýallyga beräýiň.

Çölde 21:4 Onsoň ysraýyllar Hor dagyndan göçüp, Edom ýurdunyň daşyndan aýlanyp ötmek üçin, Gyzyl deňziň ýoly bilen gitdiler. Emma ýolda halk sabyrsyzlyk etdi.

Kanun Taglymaty 4:29 Olaryň içinden siz Hudaýyňyz Rebbi agtararsyňyz. Tutuş ýüregiňiz we janyňyz-teniňiz bilen gözleseňiz, siz Ony taparsyňyz.

Ysraýyl Serdarlary 16:16 Delila her gün sorap, Şimşonyň ýüregine düşdi. Ol ony halys irizip, janyndan bizar etdi.

1 Şamuwel 18:1 Şawul bilen Dawut gepleşip boldular. Şondan soň Dawudy Şawulyň ogly Ýonatanyň sulhy aldy. Ýonatan ony janyndan hem eziz gördi.

1 Patyşalar 1:29 Patyşa Rebden ant içip, şeýle diýdi: «Janymy her muşakgatdan gutaran Reb muňa şaýatdyr:

2 Patyşalar 4:27 Aýal dagdaky Hudaýyň adamynyň ýanyna baryp, onuň aýagyna ýapyşdy. Geýhazy ony aýyrjak bolup, oňa golaý geldi, ýöne Hudaýyň adamy oňa: «Aýala degme, çünki onuň kalby ajy hasratdan doludyr. Reb muny menden ýaşyrdy, maňa bu barada hiç zat aýtmady» diýdi.

Eýýup 7:11 Şonuň üçinem ümsüm boljak däl, Janymyň ýangyjyna geplejek, Ajy hasrat bilen şikaýat etjek.

Eýýup 14:22 Olar diňe öz bedenleriniň agyrysyny duýup, Diňe özleri üçin ýas tutýarlar».

Eýýup 19:2 «Haçana deňeç meni gynap, Sözleriňiz bilen pagyş-para etjek?

Eýýup 27:2 «Hakymdan mahrum eden Hudaýyň, Maňa ajy hasrat çekdiren Gudratygüýçliniň adyndan ant içýän,

Eýýup 30:25 Gara günliniň halyna aglamadymmy? Ýoksullar üçin ýüregim gyýym-gyýym bolmadymy?

Zebur 6:3,4 Ýa Reb, maňa merhemet eýle, çünki mende ysgyn-mydar galmady; ýa Reb, maňa ber Sen şypaňy, çünki galpyldaýar meniň süňklerim. 4 Güýçli

galpyldaýar janym hem meniň. Ýa Reb, haçana çenli bu dowam eder?
Zebur 7:1,2(1-3) Benýamin tiresinden bolan Kuşuň sözlerine degişli Dawudyň Rebbe aýdan şigaýony (2) Ýa Beýik Hudaýym! Seni pena edinýärin men, meni yzarlaýanlaryň baryndan halas et, gutar. 2(3) Ýogsam hiç kim ýokka meni halas edere, olar şir dek meni parçalaýmasyn.
Zebur 17:13(17:13/14) Galk, ýa Reb! Garşy çyk-da, agdar olary; gylyjyň bilen janymy erbetlerden halas et, ýa Reb, Öz eliň bilen adamlardan azat et. Çünki şu dünýäde olaryň ýaşaýyş paýy. Sen boldan-bol doýrarsyň garynlaryny; çagalaryndan hoşal olaryň göwni; balalaryna galdyrar özlerinden artany.
Zebur 23:3(22:3) Meniň janymy Ol täzeleýär hem-de Öz adynyň hatyrasyna dogrulyk ýollaryndan meni äkidýär.
Zebur 25:20(24:20) anymy gora-da, halas et meni, utanmaýyn, çünki pena edindim Seni.
Zebur 33:19(32:19) Ölümden olaryň janyny Ol halas eder, açlyk döwründe-de aman galdyrar.
Zebur 34:22(33:23) Reb Öz bendelerini halas edýändir, Ony pena edinýänleriň hiç biri höküm edilmez.
Zebur 35:12,13(34:12,13) Ýagşylygyma ýamanlyk edýär, meniň janymy hossarsyz goýýar. 13 Men bolsa jul geýerdim olar syrkawka, agyz bekläp, özümi pespäl tutardym; emma jogapsyz galdy doga-dilegim.
Zebur 41:4(40:5) Men diýdim: «Ýa Reb, maňa merhemet eýle, şypa ber, çünki men günäli Seniň öňüňde».
Zebur 42:5,11(41:6,12) Eý, janym, sen näme üçin gamlanýaň? Näme üçin sen içimde yňranýaň? Umydyňy Hudaýa bagla, men ýene öwgi aýdaryn Oňa – Halas edýän öz Hudaýyma. 11(41:12) Eý, janym, sen näme üçin gamlanýaň? Näme üçin sen içimde yňranýaň? Umydyňy Hudaýa bagla, men ýene öwgi aýdaryn Oňa – Halasgärime we Hudaýyma. (Zebur 42:6(41:7); 43:5(42:5))
Zebur 56:13(54:14) Çünki Sen janymy ölümden halas eýlediň; ýaşaýyş nurunda Hudaý öňünde gezerim ýaly, Sen aýaklarymy büdremekden sakladyň.
Zebur 69:10(68:11) Agyz bekläp, gözýaş döküp, ruhumy syndyranymda, bularyň bary maňa gyjalat boldy.
Zebur 69:18(68:19) Maňa ýakynlaş hem-de halas et, duşmanlarymyň elinden meni azat et.
Zebur 86:13(85:13) Çünki maňa bolan wepaly söýgiň beýikdir, Sen janymy ölüler dünýäsinden halas eýlediň.
Zebur 97:10(96:10) Eý, Rebbi söýýänler, ýamanlygy ýigreniň! Ol sadyklarynyň janlaryny aman saklaýar, olary erbet adamyň elinden halas eýleýär.
Zebur 107:9(106:9) Çünki Ol teşne jany gandyrýar, ajygany näz-nygmatdan doýurýar.
Zebur 116:4(115:4) Gutulyş pyýalasyny galdyryp, çagyraryn Rebbiň adyny.
Zebur 116:8(115:8) Saňa şükür gurbanyny hödür ederin, Rebbiň adyny men

çagyraryn.
Zebur 119:28(118:28) Gaýgy-gamdan ýaňa janym basylýar, Öz sözüňe laýyklykda maňa kuwwat ber.
Zebur 120:2(119:2) Ýa Reb, ýalançy agyzdan, hileli dilden halas et meni.
Zebur 121:7(120:7) Reb seni bela-beterden gorar, Ol seniň janyňy gorar.
Zebur 124:7(123:7) Awçynyň duzagyndan guş kimin gaçyp gutuldyk: duzak gyryldy, biz hem gutuldyk.
Zebur 138:3(137:3) Çagyran günümde Sen jogap berdiň, janymy güýç bilen kuwwatlandyrdyň.
Süleýmanyň Pähimleri 6:32 Zyna edýän adam kemakyldyr; ol öz janyny heläk edýär.
Süleýmanyň Pähimleri 22:24/25 Olaryň ýollaryna öwrenişip, janyňy duzaga düşürmeziň üçin, gaharjaň adam bilen tirkeşme, gyzma adam bilen gatnaşyk açma.
Ýermeýa 20:13 Rebbe nagma aýdyň, Rebbe alkyş okaň! Çünki garybyň janyny ýaramazlaryň elinden Ol halas etdi.
Ýermeýa 31:25 Argyn jana dynçlyk berdim, ähli mejalsyzlary doýurdum.
Ezekiýel 13:20,21 Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Ine, Men siziň ynsan janyny guş kimin awlaýan jadygöý bilezikleriňize garşydyryn. Men olary gollaryňyzdan sypyraryn. Guş kimin awlaýan janlaryňyzy boşadyp goýbererin. 21 Bürenjekleriňizi-de ýyrtyp, halkymy eliňizden halas ederin, indi olar siziň eliňizde ýesir bolmazlar. Onsoň siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz.
Mattanyň Hoş Habary 10:28 Bedeni öldürip, jany öldürip bilmeýänlerden gorkman, eýsem, dowzahda hem teni, hem jany ýok etmäge gudraty bar bolan Hudaýdan gorkuň.
Mattanyň Hoş Habary 16:26 Sebäbi bir adam bütin dünýäni gazanyp, janyny ýogaltsa, oňa näme peýdasy bolar? Ýa-da adam janyna derek näme berip biler? (Markusyň Hoş Habary 8:36,37)
Mattanyň Hoş Habary 22:37 Isa oňa şeýle diýdi: «„Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň bilen söý".
Mattanyň Hoş Habary 26:38 Onsoň olara: «Meniň janym öler ýaly tukat, bu ýerde galyp, Meniň bilen bile oýa boluň» diýdi. (Markusyň Hoş Habary 14:34)
Markusyň Hoş Habary 12:30 Öz Hudaýyň Rebbi bütin ýüregiň, bütin janyň, bütin düşünjäň, bütin güýjüň bilen söý!"
Lukanyň Hoş Habary 12:20 Emma Hudaý oňa: „Eý akmak! Edil şu gijäniň özünde janyň senden alnar. Onsoň taýýarlan zatlaryň kime galar?" diýýär.
Lukanyň Hoş Habary 21:19 Siz çydamak bilen, janyňyzy halas edersiňiz.
Ýahýanyň Hoş Habary 12:27 Häzir Meniň ýüregim gysýar. Men näme diýeýin? „Eý Ata, Meni şu pursatdan halas et" diýeýinmi? Men bu pursata şonuň üçin geldim ahyryn.
Resullaryň Işleri 14:22 Şägirtleriň janlaryna kuwwat berip, olara imanda berk

durmagy ündäp: «Biz Hudaýyň patyşalygyna köp muşakgatlar bilen girmelidiris» diýýärdiler.

Resullaryň Işleri 15:24 Bizden bolan käbirleriniň öz sözleri bilen sizi ynjydyp, sünnetleniň, Mukaddes Kanuny berjaý ediň diýip, aňyňyzy bulaşdyranyny eşitdik; muny biz olara tabşyrmandyk.

1 Korintoslylara Haty 15:45 Şeýle-de ýazylgydyr: «Ilkinji ynsan Adam ýaşaýan jan boldy», ýöne soňky Adam ýaşaýyş berýän ruh boldy.

1 Selaniklilere Haty 5:23 Parahatlygyň gözbaşy bolan Hudaýyň Özi sizi bütinleý mukaddes etsin. Ruhuňyz, janyňyz we teniňiz saklanyp, Rebbimiz Isa Mesih gelende nogsansyz hem müýnsüz bolsun.

Ýewreýlere Haty 6:19 Çünki Kanun hiç bir zady kämilleşdirmedi. Munuň ýerine bizi Hudaýa ýakynladýan öňküden oňat bir umyt berildi.

Ýewreýlere Haty 10:39 Biz yza çekilip, heläklenýänlerden däl-de, iman edip gutulýanlardandyrys.

Ýakubyň Haty 1:21 Şoňa görä hem her hili hapalygy, her hili ýamanlygyň galyndysyny taşlap, özüňizde ekilen, janyňyzy gutarmaklygy başarýan sözi ýumşaklyk bilen kabul ediň.

Ýakubyň Haty 5:20 onda ol muny bilsin: bir günäkäri ýalňyş ýolundan öwren bir jany ölümden gutaryp, köp günäleriň üstüni basyrar.

1 Petrusyň Birinji Haty 1:9 imanyňyzyň netijesinde janlaryňyzyň gutulyşyna ýetip, aýdyp bolmaz, şöhratly begenç bilen şatlanýarsyňyz.

1 Petrusyň Birinji Haty 1:22 Ruh arkaly hakykata boýun bolmak bilen, janlaryňyzy hilesiz dogan söýgüsi üçin tämizläniňizden soň, birek-biregi ýürekden yhlas bilen söýüň.

1 Petrusyň Birinji Haty 2:11 Eý söýgüliler, sizden haýyş edýärin, jana garşy söweş edýän günäli höweslerden garyplar, mysapyrlar hökmünde gaça duruň.

1 Petrusyň Birinji Haty 4:19 Munuň üçin Hudaýyň islegi bilen görgi görýänler hem ýagşylyk edip, janlaryny dogruçyl Ýaradana tabşyrmalydyr.

2 Petrusyň Birinji Haty 2:7,8 azgynlaryň ahlaksyzlyk içindäki ýaşaýyşyndan jebir çeken, ýöne dogry bolan Luty gutaran bolsa 8 (olaryň arasynda ýaşan bu dogry adam olaryň nähak işlerini görmek, eşitmek bilen, öz dogry janyna günsaýyn jebir ederdi),

3 Ýahýanyň Üçünji Haty 1:2 Eý, söýgüli doganym, janyň üstünlikli bolşy ýaly, seniň hemme zatda üstünlik gazanyp, saglykda bolmagyň üçin doga edýärin.

Pastor T. John Franklin
Church of Salvation, Healing, and Deliverance
COS-HAD.org